# Telefon we çagalar

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Telefon we çagalar TELEFON WE ÇAGALAR




Çagalar haçan görseň IMO-da, INSTA-da ýenewör-lähetde.
Ine şol hadysa barada-da durmuşdan gysgajyk ýumoristik-satiriki zarisowkajyk:

Jahyl ogul eltelefonyna dümtünip başyny galdyrman otyr.

Ejesi girýär-de diýýär:

-Oglum, bar mallaňňy suwa ýak.

-Bo je.-diýip ýetginjek ekrandan gözüni aýyrman jogap berýär.

Hakykat-da oň özüne näme diýlendigini eşidenem gümana.
20 minut geçýär.
Açyk penjireden daşary süpürip ýören ejesiniň gaharlanybrak ugran sesi gelýär:
-Gyýw, diýmäýin diýsemiň telefona gark bolany! Men saňa mallar suwsuz gyryldy diýýän. Çyk, suwa ýak olary dowzaha höküm bolmankalar…
-Bo je.
…diýýär-de jahyl, elindäkiden kellesinem galdyrmaýar.
25 minut geçýär.
-Öllüňm-u-u-w, gyryllyňm-u-u-w, ýerler ýuwutman gal-a-a-n!!!- diýip, birdenkä mellegiň aýagujundan ejesiniň uwwuldysy eşidilýär.
Jahyl oslagsyzlykdan ýaňa ziňkildeýär-de, töweregine ýaltaklaýar. Özüniň nirede oturandygyna birbada aň ýetirip bilmeýär.
Köçede deň-duşlary bilen kelle çakyşdyryp oturyşyna, kimdir biri bilen ýazyşýarmy?
Ýa-da henizem IMO-da gyzdyr öýdýänje niki bilen pynhanja, ýarym wejerajadan kümsükje gepleri oklaşyp otyrmy?
Soň öýlerinde, waý-faý tutýan äpişgäň agzyndadygy beýnisine ýetýär.
Onýança ejesiniň “uwwuldysy” ýene-de bir ýola ýaňlanýar welin, telini kisä sokýar-da, atylyp daşaryk çykýar.
Çykan dessine-de kürtdürýär.
Weh…
Ýaňy ejesi oňa näme ýumuş buýurd-aý?
Dükana gidip çörek alyp gel diýdimi?
Ýa-da: “Ilerki köçedäki garyndaşlar tebärek çykardýa. Kakaň işde. Şoň üçinem sen onuň deregine şolara git-de, görnüp gaýt!” diýdimi?
Dem salym oýurganýar. Soňam ýeňsäni gaşaýar-da, öýe girip pul alyp çykýar.
Çörek alyp gelmek üçin dükana ýönelýär.
Nämüçin?
Sebäbi aňsadrak, çaltrak bitýäni şol. Bahymjak baryp gelip, ýaňky IMO gybatyň yzyny dowam edip boljak. Tebärek çykarana

görünmäge gitseň bolsa, elbetde garnyň doýar. Ýöne kän eglenersiň.
Ol sömpüldäp derwezeden çykyberende-de, oňa aýaguçda özi başagaý bolup, mallaryň otuna-suwuna seredip ýören ejesiniň gözi düşýär:
-Gyýw, kellesine taýak degen sähne! Nirä barýaň? Men seni bärik, malýataga kömekleşmäge çagyryp durun-a!
-Dükana,-diýip, ýetginjek sakga aýak çekýär-de, geň galmakdyr nägilelikden doly äheňde hüňürdeýär.
-Nämüçin?-diýip ejesi, bärräge ýakynlap, ýuwaşrak gepleşäýmän, şo esli daşlykda duran ýerinden butnaman, zowladyp gygyrýar.
-Çörek almaga,-diýip jahyl, hasam geňirgenýär.
-Çöregi başyňa ýapjakmy? Öňem-ä saçak doly.
-Özüň: “alyp gel” diýdiň-ä-hou, je-e!
-Haçan?!
-Ýaňy. Öýe girip-çykaňda.
-Häý beýnisini tilfon almyş diýsäni,-diýip ejesi, tutuş goňşy halkyna mugt tomaşa, ýene-de bat alýar-da, käýinmäge başlaýar.
Jahyl bolsa, özüniň ýalňyşandygyna aň ýetirýär-de, ýeňsesini tüňňerdip, öýlerine dolanýar. Ol işige ýetip barýarka-da, ýarym kileräk sögünmäge ýetişen ejesi, ýene-de ony aýak çekmäge mejbur edýär:
-Gyýw, inni nirä barýaň-a?! Aý ýo-laý! Sen meni öllürmän dynmarsyň!
-Aý, inni nämmol-laý, je-e?! Papak almaga girip barýan-ou!-diýip ýetginjek, gaharlanýar.
-Papagy nämetjek, ýaşy tükenmän galan, hä?!
-Garyndaşlaň tebärek çykdysyna görünmäge gitjek,-diýip gögele, ýüzüniň ugruna aýdyp goýberýärem-de, birden öz-özüne müňkürlik oýanýar:-Ýa onam: “aýtmadym” diýjekmi?
-Waý meň gara bagtym! Gutard-a bi kellesini tilpon iýen, gutard-a!-diýip ejesi, hasam beter “walalaýlamaga” başlaýar…
Jemgyýetçilik tankydy